«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny, şol sanda milli bilim ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça giň möçberli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär hem-de bu ugurda geçirilýän özgertmeler barha rowaçlanýar. «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda daşary ýurt dillerini okatmagyň mazmunyny ulgamlaýyn döwrebaplaşdyrmakda, innowasion dil öwrediş tehnologiýalaryny işläp taýýarlamakda, ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap we ýokary hilli bilim bermekde, ýaşlary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde milli we dünýä tejribeleri öwrenilip, okatmagyň we terbiýelemegiň innowasion usullary, kämil serişdeleri milli bilim ulgamyna yzygiderli ornaşdyrylýar.

Ýakynda Bitaraplyk güni mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Diller kafedrasynyň gurnamagynda “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda” göz öňünde tutulan çärelerden ugur alyp, Mary welaýatynyň orta hünär okuw mekdepleriniň daşary ýurt dillerini okadýan professor-mugallymlarynyň arasynda “Daşary ýurt dillerini hünär ugrundan okatmagy kämilleşdirmegiň milli tejribesi ” atly okuw-usulyýet maslahaty geçirildi.

Maslahatyň dowamynda halypa mugallymlar ylmyň täze gazanlary bilen aýakdaş gitmek, ylmyň derwaýys meselelerini seljermek üçin daşary ýurt dillerini düýpli özleşdirmek maksady bilen okuw prosesinde giňden peýdalanylýan sözlükleriň, gysgaça adalgalaryň taýýarlanylmagynyň öz gezeginde, ýaş nesilleriň özbaşdak taýýarlanmak derejelerini artdyrmaga, käbir adalgalara has içgin düşünmäge ýardam berýändigi, okuw sapaklarynda häzirki zaman ösen tehnologiýanyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanyp, dürli görkezme esbaplary, audio ýazgylarynyň ulanylmagy talyp ýaşlaryň özleşdirýän temalarynyň hiline oňyn täsir edýändigi, şeýle çemeleşmeleriň okuw sapaklaryň täsirini, özleşdirilýän derse bolan gyzyklanmany döredýändigi dogrusynda täsirli çykyşlary etdiler.

Talyp ýaşlara daşary ýurt dillerini kämil derejede öwretmegi okuwdan daşary geçirilýän işler bilen utgaşdyrmak möhüm ähmiýete eýe bolup, institutymyzyň Diller kafedrasy tarapyndan yzygiderli geçirilýän maslahatlar, döredijilik duşuşyklary, festiwallar, zehin bäsleşikleri, okuw-terbiýeçilik işleri hem-de medeni-köpçülik çäreleri Gahryman Arkadagymyzyň belent yhlasyndan dörän gymmatly eserleriniň many-mazmuny bilen jebis baglanyşdyryp geçirilýär. Bu bolsa ýaşlarda watana, zähmete bolan söýgini terbiýeleýär. Şeýle bagtyýar döwrümizde abadan durmuşda ýaşamaga, halal zähmet çekmäge uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, mertebesi belent bolsun!

**Artyk ANNANOW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika**

Все права защищены

save pdf date >>> 12.12.2024

**institutynyň talyby**

Все права защищены